# Saza goşup aýtmak üçin ýazylan iki goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Saza goşup aýtmak üçin ýazylan iki goşgy **• Ýene sen**

Ýene sen, ýene sen, ýene sen
Geldiň meniň ÿanyma
Ýalňyzlygmyň penjiresin pitikläp,
Ýene sen, ýene sen, ýene sen
Dolduň meň hyýalyma,
Sözlerimi aýdymlara iteläp.

Ýatlamalar gurşap alýar ýadymy,
Gözýaşlarym ölçerip dur odumy,
Seň gözleriň, wah seň ala gözleriň,
Görejimde görgülermi gördümi?

Günlerimiň göwrümi,
Aýlarymyň aýlamy,
Ýyllarymyň ýylysy,
Eý ömrümiň dowamy.
Ýene sen, ýene sen, ýene sen
Geldiň meniň ÿanyma
Arzuwlarmyň ýaralarnyň pynhany.

Ýatlamalar gurşap alýar ýadymy,
Göz ýaşlarym ölçerip dur odumy,
Seň gözleriň, wah seň ala gözleriň
Görejimde görgülermi gördümi?

Ýene sen, ýene sen, ýene sen
Perizadym, perişdäm
Janym doly, doly senden endişäm
Ýene sen, ýene sen, ýene sen
Geldiň meniň ýanyma,

Meniň ýenäm, hemişäm.

- **Bikararlyk aýdymy**

Bikarar seniň yşkyňda,
Perişan görgi köşgüňde,
Gijeden-gije, köçeden-köçä,
Sergezdan aýyň yşgynda.

Meýhana, däli meýhana,
Elimde doly pyýala,
Meý-mestmu şeýda, şeýdamy Huda,
Gonup dur ejiz hyýala.

Ezizim horlama meni,
Bir gije durlapdyň teni,
Durla ruhumy, köşet ahymy,
Gözlerim küýseýär seni.

Küýseýär seni ellerim,
Ýollar-a uzak ýollaryň,
Deňizden-deňze, daglardan-daga,
Aşmasam hergiz dynmaryn.

Diwana, menem diwana,
Görenler galar haýrana,
Öter güýzlerim, geçer ýazlarym,
Bir günem dolar peýmana.

2008-2009. Goşgular